# Degişmelerden täsirlenip

Category: Degişmeler,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Degişmelerden täsirlenip




- **Goa gidiñ**

Если вас посылают на три буквы, летите в Гоа.

Goa
Gitseñ gow-a.
Salkyn Kenar,
Maýyl howa.

Dereksiz işden,
Pis durmuşdan,
Ýadap,
Ýadap,
Yaşap yörşüña,
Özüñi aldap,

Ýene
Oña urna
Her ýerde
Tapylar.
Bardyr
Seni ugratjak
Üç hardan gelýan bir ýere.
Hmm…

Şoña görä,

Eğer gitmeli bolsa,
Onda bilet alyñ Goa.

16.05.23.

- **Ýaş ýigidiñ ýaşuly nesiliñ käbir wekillerinden haýyşy**

Ýaşulular sizden haýyş
(Öñem näçe ýüzlenipdim,
bu mesele barasynda).
Obamyzda toý bolanda
Uly iliñ arasynda.
Her gezek.
Barmagyñyz bilen böwrüme dürtmäñ,
– Toý tutmak gezegi indi seňki diýp,
Gemmik agzyñyzy ýeser syrtardyp.
Maña aytmañ!
Haýyş maña aýtmañ.
Menem bir gün jynazada durkañyz
Böwrüñize hürsekläp:
– Indi gezek seňki – diýsem.
Nähili bor, gürsakgal?!
Bu ýönekeý
Bir sadaja haýyş söz,
Geplemegem islemedim paýyş söz.

- **Oba şahyrynyñ gaharly setirleri**

Meniñ içimi agyrtjak bolup siz
Sürgi dermanny goşduñyz aragyma.
Oturşmada masagara etjekdiñiz siz
Agyry getirjekdiñiz siz ýüregime.

Bar edeniñiz puç boldy eý duşmanlar
Men öýe gaýdýançam zordan çydadym.
Ýöne ol çydamak maña kyn düşdi
Häli hem wagtynda öýe gaýdaýdym.

- **Diwar ýazgylaryny okap**

Gar ýagyp dur
Aram-aram syrayar.
Beton haýatyň düýbünde durup.
Men ondaky ýazgylara garaýan.
Ünsümi sowga däl, harplara berip.

Ýazgylaň içinde birini okap,
Peýda bolýar doňan ýüzde ýylgyryş:
«Kimiň tualedi daşarda bolsa,
Yglan edýäs bir minutlyk dymyşlyk».

## • Ýalançy hakynda gowşak goşgy

Ýalan gepläp dursuň, bilip durun men,
Senem bilip dursuň ynanmaýanym.
(Indi mundan soňra näme ýazmaly?)
Alakjap garaýan o ýan, bu ýanym.

Ýalan sözden meslek ýasanan bende,
Çypdyryp ýör gabat gelen her kese.
(Häzir kapyya gözläp galýaryn derde,
Ýalan hakda dogry gelse-gelmese.

Dur! Bu goşgy eýýäm öli doguldy,
Ýa ýalançy hakda bolany üçin.
Bes, geçeýin, hem bolaýyn dogumly,
Gynanmaýyn onuň öleni üçin.

Dert çeken bolmasaň günleň bir güni,
Adamlaň derdine aglap bolmaýar.
Süýji sözläp aldap bolar il-güni
«Emma öz-özüňi aldap bolmaýar».

## • Dilimiz hakda gülkünç däl goşgy

Ene dilimiziň içine …ikip
Ýat-nätanyş sözler sokuberýäris.
Soňam bütin nesil bet hasiýet tapyp,
Dinden, ymmatdan çykyberýäris.

«Wapşeto», «serýozny» her bir sözümiz,
Türkmençe gürläli etmäliñ hata.
Söz ogurlap bilsek saýry dillerden
Dilimiz baýlaşyp gitjekmiş «zato».

Geplesek giñ açyp iki äñimiz,
Ýa orsça bolup dur türkçedir ýa-da.
Del illeriñ dili aldy añymyz,
Aýtsana näçe wagt dert çeker adam.

Haýran galýan bolýan eken şeydibem,
Tez maral deý sözüm ýatyr läş ýaly.
Türkmeniñ dilini kellä geýdiler,
Wah, ýöne ol görünmeýär täç ýaly

30.12.2022.

Sylapberdi MUHAMOW. Goşgular